# Kim gepleýär, kim diňleýär?

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kim gepleýär, kim diňleýär? KIM GEPLEÝÄR, KIM DIŇLEÝÄR?

Bir adam öýlenmekde öňüne adam geçirtmändir… Her gezek öýlenenden soň «Bolmady» diýip, alan aýalynyň talagyny berip, soň ýene birine öýlenýärmiş…
Üç, bäş, ýedi… gidip barýarka, žurnalistler onuň daşyny gallap alyp, sorag beripdir:
— Haýyş edýäris, bize öýlenmek boýunça edinen tejribeleriňizden gürrüň beräýiň-dä?!.
Ol ilki näzini çekdirip, hiç zat aýtmadyksyrapdyr, soň durup bilmän gürläpdir:
— Walla, gadyrdanlar… Öýlenmek juda-juda hezil zat…
— O nähili? — diýip sorapdyrlar. Ol şeýle düşündiripdir:
— Öýlenen birinji ýylyňda erkek gürleýär, aýal diňleýär. Ikinji ýylyňda aýal gürleýär, erkek diňleýär. Üçünji ýylyňda bolsa, ikiňem birden gürleýäň, goňşular diňleýär! Degişmeler